# Erbet höwesler bilen göreş!

## I bölüm: Dawut bilen Batşeba

**Maslahat:** Aşakdaky ýumuşlary rahat ýagdaýda ýerine ýetir. Aýatlardaky wakany özüň gatnaşýan ýaly göz öňüne getirip oka. Wakany aňyňda janlandyryp, baş gahrymanlaryň sesini eşitmäge çalyş we duýgularyna düşünjek bol.
**Baş gahrymanlar:** Dawut, Batşeba, Uryýa we Ýowap
**Mazmuny:** Dawut agyr günä edýär we günäsini gizlejek bolýar.

### 1 2 ŞAMUWEL 11:1—27-NJI AÝATLARY OKAP, WAKANY GÖZ ÖŇÜNE GETIR.

Dawut üçekden suwa düşýän Batşebany synlaýar. Olaryň arasyndaky uzaklygy göz öňüne getirip çyz.

Wakadaky gahrymanlary nähili suratlandyrarsyň?

Dawut: ______

Batşeba: ______

Uryýa: ______

Ýowap: ______

11-nji aýatdaky sözleri Uryýa Dawuda nähili äheňde aýdan bolmaly?

______

______

### 2 GÖZLEG GEÇIR.

Uryýanyň ölümine Ýowap hem günäkärmi?

*(14—17-nji aýatlary gaýtadan oka).* ______

______

Dawut bilen zyna etmeginde Batşebanyň hem günäsi bardymy?

(Jogaby: *2 Şamuwel 11:4-i gaýtadan oka;* soňra Lewiler 20:10-y oka). ______

______

Aslynda, Dawut şol güni nirede *bolmalydy*?

*(2 Şamuwel 11:1-i gaýtadan oka).* ______

______

Mukaddes Ýagylarda Ýehowanyň ölen adamlary direltjekdigi aýdylýar. Dawut, Uryýa, Batşeba we Ýowap direlende nähili meseläni çözmeli bolarlar? ______

______

______



www.jw.org © 2013 Watch Tower Bible and Tract Society of Pennsylvania

Dawut haýsy kanunlary bozdy we oňa nähili jeza berilmelidi? (Jogaby: Müsürden çykyş 20:13, 14, 17; Gelip çykyş 9:6; Kanun taglymaty 22:22-nji aýatlary oka). ______________________

______________________

Dawut Müsürden çykyş 20:15-däki kanuny hem bozdumy?

______________________

______________________



## 3 ÖWRENEN ZATLARYŇDAN SAPAK EDIN.

Wakadan öwrenen zatlaryňy ýaz.

Erbet höwesleriňe ýol bermek näme üçin howply? (Ýakup 1:14, 15). ______________________

______________________

Hudaýyň kanunyny bozdurjak bolanlarynda näme etmeli? ______________________

______________________

Eden günäňi gizläp bolmaýandygyny nireden bilse bolýar? *(2 Şamuwel 11:27-ni gaýtadan oka).* ______

______________________

## 4 ÖZÜŇE ŞEÝLE SORAGLARY BER:

Haýsy ýagdaýlarda görýän zatlarym sebäpli erbet höweslere garşy göreşmek kyn bolmagy mümkin?

______________________

______________________

Hudaýyň ýigrenýän zatlaryna bolan höwes döremez ýaly näme edip bilerin? ______________________

______________________

Men bu wakadan nähili wajyp sapak edindim we näme üçin? ______________________

______________________

**Ýumuş:** Özüňi habarçy hökmünde göz öňüne getirip, şu wakanyň esasynda makala ýaz. Wakanyň baş gahrymanlary we oňa gatnaşýan beýleki adamlar bilen söhbetdeşlik geçir.

JW.ORG™
www.jw.org/tk saýtyndan PDF görnüşini ýükläp bilersiňiz



www.jw.org © 2013 Watch Tower Bible and Tract Society of Pennsylvania